# Synag

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Synag SYNAG




Harasatly deñiz, çyrpynyp ýatyr,
Elinde küregi, bir gözel otyr.
Otyr başy aşak, seredip suwa,
Meñzeýär uzakdan owadan guwa.

O kenara ýüzüp geçmek arzuwy,
Dost gerek küregi bile urmaga,

Ynandy gämiçä gözüni ýumup,
Ol kenara geçdi arzuwa münüp…

* * *

Çilimi däl gursagymy otlanym,
Wagtynda düşünmän ynjytdym seni.
Gözüm ýetdi söýgüsinden ätlänim,
Söýenden söýleniñ oñat ekeni!

Ýyldyzlar san ýetmez, parahat gije,
Sen derdiňi hem-de özüňi ýeňdiň.
Yzda bagryn ýakyp, pak çykan bijä,
Söýgiň derek deýin başyny egdi.

Şol gije tä daňdana çen ses edip,
Ýasyna eňredim jaýlanan söýgiň.
Gözüňden öpjekdim, yzyňdan ýetip,
Eýýäm hol alysdan çykan ekeniň.

Ýitirdim durmuşda iň beýik zady,
Ýürek welin ynjamady birjigem.
Ýöne meň kalbymdan öçenok ady,
Ol seň adyň, giç sataşan gerçegim!

* * *

Beýik asman, dök damjaňy üstüme,
Ikimizem häzir joşgunly örän,
Gözýaşlar günä däl, dökmesiz ýaly,
Ol şatlyk damjasy gursakda dörän.

Egseli joşguny, egseli bile,
Ynammyzy baky baglaly sessiz.
Ejizligi görmez ýaly özgeler,
Düşünjek bolaly bir-bire sözsüz.

Zeminde ýumşasyn gatan düwünler,
Senem düşür, zyň artykmaç kinäňi.
Geçen zadyň gelmejegne aglaly,
Ýöne hergiz unutmaly könäni.

Däli gursagymy saplap elmydam,
Giňlik berseň ýeňlär gider bu derdim,
Seçele üstüme damjaňy, asman,
Men seň gözýaşyňda özümi gördüm.

Ýuw sen, arassala Ýeriň ýüzüni,
Diňe päklik gitmese bor dünýäden.

Beklejek bolaýyn ýaman pälleri,
Hemem ýuwulaýyn ýowuz günäden!

▶ SALAMLY GOŞGY

Saçlarymy bady-saba ogşadyp,
Eje, säher bilen barýan salama.
Kiriş deý dartylan erkiñ gowşadyp,
Şu gezek ýüz beräý «şeýtan» dogmaña.

Ýyldyzlar irkilip, batanynda Aý,
Aladañsan gujaklanda säheri.
Sen sygyr sagansyñ,
demlenensiñ çaý,
Gelnejemden alarsyñ soñ mähiri.

Gözüñe ynanman, çekersiñ içiñ,
Geñ galyp ykbalyñ täsin oýnuna.
Iki-üç ädimiñi ylgaşlap geçen
Gyzyñ gollaryny orar boýnuña.

Diýýäñ: «Sen bir bireýäm ene bolmaly,
Çekmeli bir öýüñ keşigin, ýükün».
…Men günäkär däl-ä, boýna almaly,
Gyzy däl, şahyry dograñyñ üçin!

Enejan HANGULYÝEWA. Goşgular